***Medeniýet hepdeliginiň çäginde tomaşaçylara hödürlenen «Parahatlyk aýdymy» atly täze film ildeşlerimiz üçin baýramçylyk sowgady bolup, türkmen kino sungatynyň baýlaşmagyna özboluşly goşantdyr.***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy, şeýle-de Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli döredilen gysga göwrümli çeper filmde döwletimiziň dünýäde dabaralandyrýan parahatçylyk ýörelgeleri beýan edilýär. Şyhmämmet Mollaýewiň režissýorlygynda surata düşürilen bu çeper filmiň edebi esasy Türkmenistanyň halk ýazyjysy Döwletgeldi Annamyradowyň galamyna degişli. Filmiň döredilmeginde goýujy kinooperator Baýram Garlyýewiň, goýujy suratkeş Baýram Patyşagulyýewiň, kompozitor Derkar Jelilowyň we beýlekileriň hem hyzmatlary uludyr.

«Parahatlyk aýdymy» atly film parahatçylygyň nyşany hasaplanylýan garlawaçdyr kepderiler bilen bagly birnäçe gyzykly wakalary özünde jemleýär. Filmiň baş gahrymany Myrat Türkmenistanyň Gahrymany, ussat heýkeltaraş Saragt Babaýewiň döreden, garlawaçlaryň şekili ýerleşdirilen «Erkanalyk binasynyň» özboluşly kiçi görnüşini ýasap, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilen bäsleşikde ýeňiji bolýar. Ýeri gelende aýtsak, baş gahryman Myrat — Kakageldi Patdykow Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynda mugallym bolup, Saragt Babaýewiň şägirtleriniň biridir. Filmiň ahyrynda baş gahrymanlaryň biri Laçynyň keşbini janlandyrýan, Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň artisti Oguljahan Meretdurdyýewanyň «Parahatlyk aýdymyny» joşgunly ýerine ýetirmegi bu kino eserinde özboluşly sazlaşygy emele getirýär.

**Gülşat HAKYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.**

Все права защищены